# Dagdanly taýmaz, taýsa-da gaýmaz

Category: Aýdym-saz sungaty,Kitapcy,Sözler,Türkmen dili
написано kitapcy | 22 января, 2025
Dagdanly taýmaz, taýsa-da gaýmaz

DAGDANLY TAÝMAZ, TAÝSA-DA GAÝMAZ

Türkmen bagşylary joşup aýdym aýdanlarynda aýdymyň öz şygyr bentleri bilen ugurdaş manyly sanamalary hem özlerinden goşup goýberýärler. Aýdym-saz sungatyny öwrenijiler ol hili sanamalara «haraýlar» hem diýýärler. Olaryň birinde şeyle diýilýär:

Agajyň gowusy yrgaý,
Her kim nesibesin görgeý,
Asmandaky mollatorgaý,
Ýary gördüňmi, gördüňmi?!

Şu ýerdäki «yrgaý» sözüne 1968-nji ýylda Moskwada neşir edilen «Türkmençe-rusça sözlükde» şeýle düşündiriş berlipdir:

Yrgaý – дерево, из ствола которого делают соху (соха – azal, ýagny, öňki döwürlerde ýer sürmek üçin ulanylan köne gural).

Has anyk aýdylanda, ýer sürülýän sada gurluşly azalyň ýeri agdarýan bölegi, ýere girýän burny dagda bitýän, daşy ýaryp çykýan örän gaty agaçdan edilipdir.

Gepleşik dilinde has ýörgünli ulanylýan dagdan, dagdan agaç sözleri hem käbir ýerlerde, özem çäkli ýagdaýda duş gelýän yrgaý sözüniň sinonimi bolmaly. Çünki «Paýhas çeşmesindäki» bir nakylda «Agajyň gatysy soky bolar» diýlişi ýaly, örän gaty agaç hökmünde dagdan agajyndan künde, soky ýaly, berk, çydamly bolmaly zatlar ýasalypdyr. Öňki döwürlerde ýüpden edilýän çaga sallançagynyň kiliminiň iki başyna gerňelýän, ýüzi nagyşlanan sallançak agaç hem köplenç, dagdandan edilipdir.

Türkmen halky dagdan agajyny keramatly, gözden-dilden goraýan mukaddes agaç hasaplaýar. Şol ynam-ygtykat bilen dagdandan kiçijik (üljäniň şänigi çemesi ululykda), iki başy ýaýbaňja, orta bili gysbyja şekiljik ýasap, ýaş çagajyklaryň tahýasyna, kürtekçesine dakýarlar ýa-da alaja bag bilen boýnundan asýarlar. Ol şekiljige dagdanjyk diýýärler.

Çeper elli gelin-gyzlaryň aýratyn ussatlyk bilen nagyşlan kürte, çyrpy ýaly lybaslaryna hem gözden-dilden gorasyn diýip dagdanjyk çatýarlar. Halynyň bolsa esasy nagyşlarynyň başlanýan ýerinde-de, gutarýan ýerinde-de bir hatar dagdanjyk nagşyny çitýärler.

Umuman, türkmençilikde haýsy zada göreniň mähri gidip, gözi deger öýdülse, şoňa dagdan agajyny gorag edýärler. Hat-da türkmen malgarasynyň ýüpünejde bir bölek dagdan agajyny berkidýär. Bu babatda şeyle bir rowaýatam aýdýarlar.

Öňde-de bir gözi degegen adam bar eken. Ol adam özüniň bu bolşundan müýnürgemän, gaýtam:

– Men gözümi diken zadymy, salymyny bermän tüwdüräýýändirin – diýip öwünýärmiş. Bir gün şeýdip öwnüp otyrka töweregindäkiler oňa:

– Beýle bolsa, hany, hol duran düýäni tüwdür, göreli! – diýipdirler. Ol adam şol diýilýän düýä tarap gözüni çarhlap, tiňkesini dikipdir weli, düýe duran ýerinde taýyp, bir en-tirekläpdir-de, yöne ýykylmandyr. Gözi degegen adam:

– Bu ýerde bir hikmet bardyr, ýogsa, düýe hökman ýykylardy. Hany, ýörüň, göreliň! – diýipdir. Baryp görseler, düýäniň owsarynyň düýbünden iki barmak çemesi dagdan agajy bar eken. Muny gören adamlar:

– Be-e, dogrudanam dagdanly taýsa-da, gaýmajak eken! – diýşipdirler.

Şu wakadan soň «Dagdanly taýmaz, taýsa-da gaýmaz» diýen sözler

nakyla öwrülip, il içine ýaýrandygyny aýdýarlar.

Bu nakyldaky «gaýmaz sözi köp manyly söz bolup, onuň bir manysy, bir ýerden bat bilen ýykylmak, zarply gaýtmak diýmekdir». Türkmen diliniň sözlüginde«: gaýmak sözüniň şu manysyna B.Kerbabaýewiň «Aýgytly ädim» romanyndan:

Men bilmedim näme üçin atlanyp, at üstünden gaýdyňmy sen, Artykjan?

– diyen setirler mysal getirilipdir.

Diýmek, «Paýhas çeşmesindäki» «Dagdanly taýmaz, taýsa-da gaýmaz» diyen nakyl, dagdan agajyny dakynan ýa-da ýanynda saklan adam (mal-gara-da) taýmaz, büdremez, büdrese-de ýykylmaz, dagdan ony bela-beterden gorar diyen manyda gelýär.

Sözümiziň başyndaky «yrgaý» sözi bilen «dagdan» sözüniň sinonimdigi hakdaky pikire dolanyp gelsek, dagda bitýän, rus dilinde «Каменное дерево» diýilýän («Türkmençe-rusça sözlük») dagdan bilen yrgaý, ikisem bir zat bolup, her ýerde ýa-da her döwürde başgaçarak atlandyrylan bolup biler, ýa-da olaryň ikisem şol bir daragtlar maşgalasynyň biri-birinden az-kem tapawutlanýan görnüşleriniň atlary bolup biler.

Çünki sözlüklerde-de görkezilişi ýaly, olaryň ikisindenem durmuşda iň gerekli, iň mukaddes zatlar bilen baglanyşykly enjamlar: azal, soky, sallançak agaç ýaly zatlar ýaşalypdyr. Üstesine-de, bu agajyň göz-dilden goraýyş güýji hakdaky ynamygtykady hem goşup:

Agajyň gowusy yrgaý – diýilýän bolmaly.

Türkmeniň aňynda arzyly-sarpaly orun alan bu daragtyň dilimizde atlandyrylyşy baradaky gürrüňe okyjylar hem goşulyp, ony aýdyňlaşdyrmaga ýardam ederler diyen umyt bilen, bir tarapy dagdan agajyna direýän wakany şu yerde ýatlamakçy.

Geçen asyryň segseninji ýyllardy. Iş sapary bilen Mary welaýatynda bolanymda, wagt tapyp, Soltan Sanjaryň aramgähine

zyýarat etdik. Şonda ýanymyz bilen gideri ýaşuly bilim işgäri ýadygärligiň gurluşy barada gürrüň berip durşuna sözüniň soňunda ahmyr bilen şeyle diýdi:

– Bu binanyň gümmeziniň iç yüzünden goýlan agaçlar dagdan agajy eken. Men özüm şu ýakyndaky obada önüp-ösdüm. Oglankak, bu ýerlerde goýun bakardyk. Iň yaman yeri hem oglanlar bolup, käte elimiz teşeli gelip, ýadygärligiň gümmezine çykyp, şol dagdan agaçlardan goparyp äkiderdik… Biz-ä, ol wagt çaga, bu zatlaryň gymmatyna düşünmändiris diýsem, ululara näme diýjek?! Bize käýemegiň deregine, gaýtam dagdan agajyny maşgalasynyň goragçysy hökmünde ulanjak bolup, bizi iberipdirler… Şu zatlaryň dünýe malyna çalşyp bolmajak halk hazynasydygy hakda il arasynda wagyz-nesihat edilip ýörülmese, düşünilmese-düşündirilmese, gaýdyp düzedip bolmajak yaramaz ýagdaýlara baryp ýetiljek eken…

Ýaşuly- mugallymyň şu ökünçli janykmasy her gezek ýadyma düşende, milli mirasymyza belent sarpa goýulýan, taryhy ýadygärlikleriň döwlet derejesinde goralýan, olarda rejeleýiş işleri geçirilýän, medeni mirasy ylmy taydan öwrenmek hem-de wagyz etmek boýunça giň gerimli işler alnyp barylýan, bagtyýar zamanamyza guwanmak, buýsanmak duýgusy telim esse güýçlenip, kalbyma dolýar. Şu sogaply işleriň başynda duran hormatly Prezidentimize müň keren alkyş aýdýaryn.

Ejegyz ÇARYÝEWA,

TYA-nyň Milli golýazmalar institutynyň
esasy ylmy işgäri,
dil-edebiýat ylymlarynyň kandidaty.

# turkmenistan_2018

Türkmen dili